# «Döwrümiziñ betbagtçylygy…»

Category: Edebi makalalar,Kitapcy,Sözler
написано kitapcy | 26 января, 2025
"Döwrümiziñ betbagtçylygy…" «DÖWRÜMIZIÑ BETBAGTÇYLYGY…»



Prezident Kennedi ony Ak Tama çagyranda, ýazyjydan «gidýäñizmi?» diýip soralypdyr. Şonda «şu taýdan Waşingtona

çenli 160 mil ýol aşmaly. Günortanlyk nahar üçin kösenip gideniñe degenok» diýip jogap beren ýazyjy Uilýam Folkneriñ bu jogaby döredijilik adamsy bilen döwletdir hökümetiñ arasynyñ nähili bolmalydygyny kesgitli formada görkezýändigi üçin örän gymmatlydyr. Çünki döredijilik adamsy şol aralygy aşmagy niýetine düwende döwletiñ mümkinçiliklerini öz bähbitleri üçin ulanmak isleýär. Döwlet dolandyryşyny elinde saklap oturanlaram şol aralyga bakan ýöräp, döredijilik adamsyna ýakynlaşmagy pikirine düwende azatlyklaryñ çägini daraltma meýilnamasy güýje girýär.
Prinsipleriñ adamy bolup, ynanan prinsipleri ugrunda barlyşyksyz göreşen Folkneriñ Ikinji jahan urşunyñ dowam edýän ýyllarynda dogduk depesi Missisipiniñ ýeke-täk kommunisti bolan norwegiýaly işçä 200 dollar aýlyk bermegi-de ýönekeý işçiniñ prinsiplerine bildiren hormatynyñ alamatydy.
Nobel baýragyny gowşuryş dabarasynda sözlän sözünde adamyñ ýeñilmezekligi pelsepesini ýanjamagy Folkneriñ aýratynam ýurdunyñ günorta böleginiñ azatlyklar ugrunda alyp barýan göreşini täze sepgitlere çykarýar.

- **Uilýam Folkneriñ Nobel baýragyny gowşuryş dabarasynda sözlän sözi**

*Stokgolm, 1950-nji ýylyñ 10-njy dekabry*
*Bu baýragyñ göş-göni maña däl-de, çeken zähmetime (asla şan-şöhrat we bähbit üçin däl-de) alnynda gara der we kalbynda ejir bilen, adam ruhuna goldanyp şindize çenli döredilmedik eserleri ýazandygym üçin berilýändigine düşünýärin. Ine, şonuñ üçinem men bu baýragy wekil hökmünde kabul edýärin.*
*Baýragyñ doly taryhyna we mertebeli maksadyna mynasyp görnüşde onuñ pully bölegini sowmak üçin ýer tapmak kyn däl. Emma maja görkezilen bu gyzyklanmadanam mynasyp görnüşde peýdalanyp, özüni güzaply we muşakgatly ýazyjylyk işine bagyş eden ýaş oglan-gyzlara şu kürsüden seslenesim gelýär. Wagty gelende meniñ ýerime geçip çykyş etjekleriñem meni eşitjekdiklerine ynanýaryn.*
*Döwrümiziñ betbagtçylygy biziñ uzak wagtdan bäri arasynda ýaşap gelýän we hatda onuñ bilen eriş-argaç bolup gelen haýwanpisint gorky duýgusydyr. Adam magnawyýetini gyzyklandyrýan ähli meselelerden ýekejesi galypdyr: Bizi haçan*

*köpçülikleýin gyrarlarka?*

*Şol sebäpden döwürdeş ýaş ýazyjylar adam kalbynyň öz-özi bilen göreş meselesini ýatdan çykarypdyr. Emma hakyky edebiýaty, ine, şu göreşler döredýär. Dije şonuň üçinem ýazanyňa, zähmet çekeniňe degýär.*

*Ýazyjynyň şolary ýadyna salmagy derwaýysdyr. Ýazyjy gorkynyň masgaralanma duýgusydygyna düşünmeli, muňa düşünenden soň gorkyny ömürlik ýatdan çykarmaly, adam kalbynyň reallyklaryndan daşgaryn hemme zady döredijilik ussahanasyndan aýryp zyňmaly, köne we müdimlik hakykatlar bolan: Söýgi, at-abraý, merhemet, buýsanç, rehim-şepagat, özüňi pida etme ýaly düşünjeleriň ýok ýerinde ýazylanlaryň ýöntem we ýatdan çykarylmaga degişlidigine göz ýetirmeli.*

*Muňa göz ýetirmedik ýazyjynyň zähmetiniň boýnundan lagnat asylýandyr. Ol söýgini däl-de, şöhweti, pidasyz ýeňlişleri, umytsyz ýeňişleri, iň ýamany-da bütin bularyň barsyny agyry-ynjysyz we merhemetsiz görnüşde ýazyp bilýär.*

*Onuň gussasynda hemmeleriň düşünýän gussasyndan nam-nyşan bolmaz, beýle eserler hiç hili yz galdyrmaýar. Adam magnawyýetini ýazmagyň ýerine çemeçil hereketleri bilen baglanyşykly boş sözleri tirkeşdirip ýazar ýörer.*

*Muňa düşünmedik ýagdaýynda keseden synlaýan synçy hökmünde adamyň ölümini ýazar. Men adamyň ölümi hakdaky ret edýärin. «Adam hemme zada çydap bilýändigi üçin baky ýaşaýar» diýmek dilde aňsat. Hatda garaňkylygyň soňundaky gyrmyzy şapakda asylyp galan gaýadan ykbalyň iň soňky jaňy ýatyp galanda, hatda şol wagtam bir ses galar: Ol ses* ***adamyň ejizem bolsa, hiç haçan ýok edip bolmajak sesidir!***

*Men adamyň ýok boljagyna ynanmaýaryn. Men adamyň diňe ýaşamak däl, eýsem ýeňiş gazanjakdygyna ynanýaryn. Adam diňe sesiniň ýitip-ýok bolup gitmejekdigi sebäpli baky bolman, öz hüý-häsiýeti, ruhy, çeken jebri-jepalary, boýun egmezekligi sebäpli bakydyr.*

*Ýazyjynyň borjy şulary ýazmakdyr, adamlaryň kalbyny güýçlendirip, olara kömek etmekdir, älemiň ebedilik gymmatlyklary bolan adamkärçiligi, wyždany, umydy, buýsanjy, merhemeti, özüňi pida etmegi olara ýatlatmakdyr. Şahyryň sesi*

*diñe ýönekeýje şahyrana owazdan ybarat bolmaly däl, bu ses ýaşamagy, ýeñiş gazanmagy üçin adama goldaw we daýanç sütüni bolup hyzmat etmelidir».*

Mayis ALIZADE.

Ýekşenbe, 01.10.2023 ý. Edebi makalalar